THE ASHGABAT TIMES

Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk instituty 2024-2025-nji okuw ýyly üçin aşakdaky hünärler (hünärmen maksatnamasy) we taýýarlygyň ugurlary (bakalawr maksatnamasy) boýunça talyplyga kabul edýär

**I. Hünärmen maksatnamasy (býujet esasynda):**

1. Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary (hünärler: **binagärlik we gurluşyk işlerinde raýat goranyşyny meýilleşdirmek; ýol gurluşygy işlerinde raýat goranyşy);**

2. Himiýa tehnologiýalary (hünär: **himiýa senagatynda we ulanylyşynda raýat goranyşy).**

**II. Hünärmen maksatnamasy (tölegli esasda):**

1. Binagärlik (hünärler: **binagärlik; şähergurluşyk we ilatly ýerleri meýilleşdirmek; binagärlik gurşawynyň dizaýny);**

2. Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary (hünärler: **senagat we raýat jaý gurluşygy; ýylylyk, gaz üpjünçiligi we howa çalşygy; suw üpjünçiligi, ulanylan suwlary akdyryş we suw gorlaryny goramak; awtomobil ýollarynyň we uçuş meýdançalarynyň gurluşygy; gurluşyk materiallaryny, önümlerini we konstruksiýalaryny öndürmek; köprüler we ulag tunnelleri; şäher gurluşygy; amaly geodeziýa; seýsmologiýa we seýsmika durnukly gurluşyk);**

3. Elektrik we ýylylyk energetikasy (hünärler: **elektrik üpjünçiligi; senagat desgalarynyň we tehnologik toplumlaryň elektrohereketlendirilişi hem-de awtomatikasy);**

4. Maşyngurluşyk (hünärler: **önümçiligiň we tehnologiýa prosesleriniň awtomatlaşdyrylyşy; göteriji-äkidiji, gurluşyk, ýol maşynlary we enjamlary; himiýa önümçiliginiň we gurluşyk materiallary kärhanalarynyň maşynlary we apparatlary);**

5. Himiýa tehnologiýalary (hünärler: **organiki däl maddalaryň himiki tehnologiýasy; eremesi kyn metal däl we silikat materiallarynyň himiki tehnologiýasy; aýnanyň we sitallaryň himiki tehnologiýasy);**

6. Materiallaryň tehnologiýalary (hünär**: metallary basyş bilen işläp taýýarlamak)**;

7. Tehniki ulgamlarda dolandyryş (hünär**: metrologiýa, standartlaşdyrmak we sertifikatlaşdyrmak (senagat pudagynda)).**

**III. Bakalawr maksatnamasy (tölegli esasda):**

1. Ýeri öwreniş ylymlary (taýýarlygyň ugry: **kartografiýa we geoinformatika (senagat pudagynda));**

Все права защищены

12.11.2024

2. Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary (taýýarlygyň ugry: **gozgalmaýan emläkleriň ekspertizasy we dolandyrylyşy (senagat pudagynda));**

3. Informatika we hasaplaýyş tehnikasy (taýýarlygyň ugurlary: **maglumat we kommunikasiýa tehnologiýalary (senagat pudagynda); maglumat ulgamlary we tehnologiýalary (senagat pudagynda); kompýuter ulgamynyň programma üpjünçiligi; maglumat-ölçeýiş tehnikasy we tehnologiýasy);**

4. Maglumat howpsuzlygy (taýýarlygyň ugry: **maglumat howpsuzlygy)** (okuwlar iňlis dilinde alnyp barlar). Okuwyň dowamlylygy 5 ýyla (1 ýyl — dil taýýarlygy, 4 ýyl — bakalawr maksatnamasy boýunça okuw) deňdir;

5. Elektronika, radiotehnika we aragatnaşyk ulgamlary (taýýarlygyň ugurlary: **mikroelektronika we ýarymgeçirijili abzallar; senagat elektronikasy);**

6. Himiýa tehnologiýalary (taýýarlygyň ugry**: himiýa tehnologiýasy (senagat pudagynda));**

7. Ykdysadyýet we dolandyryş (taýýarlygyň ugurlary: **önümçiligiň ykdysadyýeti we guralyşy (senagat pudagynda); kärhananyň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy (senagat pudagynda); logistika (senagat pudagynda)).**

Instituta umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy 35-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary, **binagärlik we gurluşyk işlerinde raýat goranyşyny meýilleşdirmek, ýol gurluşygy işlerinde raýat goranyşy; himiýa senagatynda we ulanylyşynda raýat goranyşy** hünärlerine — çagyryş boýunça harby gullugy geçen, 24 ýaşy dolýança erkek raýatlary ýa-da Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň ýöriteleşdirilen harby mekdeplerini tamamlan 25 ýaşy dolýança erkek raýatlary, şeýle hem borçnama boýunça harby gullugy geçýän, ofiser harby ady bolmadyk 24 ýaşy dolýança erkek harby gullukçylary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Binagärlik we gurluşyk işlerinde raýat goranyşyny meýilleşdirmek, ýol gurluşygy işlerinde raýat goranyşy; himiýa senagatynda we ulanylyşynda raýat goranyşy** hünärlerine okuwa kabul etmekligiň şertleri Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň «Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň Raýat goranyşy fakultetine okuwa kabul etmegiň Tertibine» laýyklykda amala aşyrylýar. Bu Tertip bilen tanyşmak üçin dalaşgärler Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň kabul ediş toparyna ýa-da ýaşaýan ýeri boýunça harby wekilliklerine ýüzlenip bilerler.

Все права защищены

THE ASHGABAT TIMES

Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk instituty 2024-2025-nji okuw ýyly üçin aşakdaky hünärler (hünärmen maksatnamasy) we taýýarlygyň ugurlary (bakalawr maksatnamasy) boýunça talyplyga kabul edýär

**Resmi iş kagyzlary** (tölegli esasda okadyljak hünärlere we taýýarlygyň ugurlaryna resminamalary tabşyrýanlar üçin) welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde (Aşgabat we Arkadag şäherleri boýunça) 2024-nji ýylyň 15-28-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

– bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;

– bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

– bilimi baradaky resminama (asyl nusgasy);

– Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

– soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

– 3×4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

– işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

– okuw dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklere gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

– pasportyny;

– harby şahadatnamasyny ýa-da ýazylyş şahadatnamasyny we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwähatyny.

Dalaşgär bäsleşiksiz we (ýa-da) okuwa kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

Все права защищены

Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk instituty 2024-2025-nji okuw ýyly üçin aşakdaky hünärler (hünärmen maksatnamasy) we taýýarlygyň ugurlary (bakalawr maksatnamasy) boýunça talyplyga kabul edýär

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** institutda (Aşgabat şäheri) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Aşgabat  we Arkadag şäherleri – iýul aýynyň 31-i – awgust aýynyň 1-i, 3-i we 5-i günleri;

Ahal welaýaty – awgust aýynyň 2-si, 4-i we 6-sy günleri;

Mary welaýaty – awgust aýynyň 7-si, 9-y we 11-i günleri;

Lebap welaýaty – awgust aýynyň 8-i, 10-y we 12-si günleri;

Daşoguz welaýaty – awgust aýynyň 13-i, 15-i we 16-sy günleri;

Balkan welaýaty – awgust aýynyň 14-i, 15-i we 16-si günleri.

**Giriş synaglary** aşakdaky okuw dersleri boýunça geçirilýär:

**binagärlik** ugruna degişli hünärler boýunça –  surat we grafika, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary; elektrik we ýylylyk energetikasy; maşyngurluşyk; materiallaryň tehnologiýalary; tehniki ulgamlarda dolandyryş** ugurlaryna degişli hünärler, **informatika we hasaplaýyş tehnikasy; ýeri öwreniş ylymlary; gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary; elektronika, radiotehnika we aragatnaşyk ulgamlary; ykdysadyýet we dolandyryş** *ugurlaryna degişli taýýarlygyň ugurlary boýunça* fizika, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**himiýa tehnologiýalary** ugruna degişli hünärler we taýýarlygyň ugurlary boýunça – himiýa, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**maglumat howpsuzlygy**  taýýarlygyň ugry boýunça (okuwlar iňlis dilinde alnyp barlar) — matematika, iňlis dili, Türkmenistanyň taryhy.

Okuw dersleri boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Okuw dersleri boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtda synaglara esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da okuw dersleriniň biri boýunça synaglary tabşyryp bilmedikler soňky

Все права защищены

synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, **bäsleşiksiz we talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen düzgünlere laýyk gelýän dalaşgärler peýdalanýarlar.

**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň salgysy:**
**Aşgabat ş., Baba Annanow köçesi, 136, tel.: 28-18-86, 28-18-04.**

Şeýle hem şu salgylardan hem okap bilersiňiz:
https://tdbgi.edu.tm/Dalasgar.html
Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň resmi web saýty (tdbgi.edu.tm)

https://www.education.gov.tm/education-details/112
Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň resmi web saýty (education.gov.tm)

Все права защищены